“Kitaphanasy we bagy bolan kimdir birine başga zat gerek däl” Siseron.
Ilkinji ylmy botanika bagy XIV asyryň başynda Italiýanyň Salerno şäherindäki lukmançylyk mekdebinde peýda boldy we mundan soň gysga wagtyň içinde Wenesiýada botanika bagy açyldy. Şondan bäri Italiýanyň baý şäherleri kimiň bagynyň has owadandygyny görmek üçin bäsleşip başlady. 1545-nji ýylda häzirki wagtda dünýäniň iň gadymy hasaplanýan Padua botanika bagy döredildi. Bu günki gün her ýurtda diýen ýaly botanika bagy ýa-da teplisasy bar. Minerwanyň Salerno bagy köp çeşmelerde dünýädäki ilkinji botanika bagy hökmünde suratlandyrylýar. Bu bag XIV asyrda meşhur Salerno lukmançylyk mekdebiniň mugallymlaryndan biri, lukman Matteo Silwatiko tarapyndan esaslandyryldy. Ol desselenip boglan dermanlyk ösümlikleri bilen bezelen haýran galdyryjy howuzlary we ajaýyp çüwdürimleri bilen emele getiripdir. Bagyň her eýwanynda bir çüwdürim bar we suw geçiriji ulgamy XVII asyrdan bäri üýtgemän saklanýar.
“Dünýäni dolandyrmakdan  bag ekmekde has köp şatlyk bar” Dioklitan.
Eko-syýahatçylygyň hakyky hazynasy hasaplanylýan birnäçe gyzykly botanika baglary barada gysga maglumatlary size ýetirýäris.
Russiýa. M.V. Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersitetiniň biologiýa fakultetiniň ylym we bilim merkezi bolan “Dermanhana bagy” diýip atlandyrylýan Beýik Pýotryň Botanika bagy Russiýanyň iň gadymy botanika bagy bolmak bilen Pýotr I tarapyndan 1706-njy ýylda esaslandyrylandyr.
Hindistan. Kalkutta şäherindäki botanika bagy 1787-nji ýylda iňlis esgeri tarapyndan ysly zatlary we beýleki ekzotik ösümlikleri satmak üçin esaslandyryldy. Netijede, häzirki wagtda takmynan 12 müň ösümlik görnüşi bolan uly botanika bagyna öwrüldi.
Taýland.  Nong Nuç tropiki bagy Günorta-Gündogar Aziýanyň iň uly botanika baglaryndan biridir. Dünýäniň dürli künjeklerinden iň ekzotik tropiki ösümlikler bu ýerde öz ornuny tapdy, ýöne olaryň köpüsi ýitmek howp astyndaky bolan ösümliklerdir.
“Her bir adam öz ýeriniň bir bölegi üçin elinden gelenini eden bolsa, Ýer şarymyz nähili ajaýyp bolardy” Anton Çehow
Hytaý.  Haýnan şäherindäki tropiki ösümlikleriň  “Sinlun” botanika bagy şol bir at bilen termiki çeşme jülgesiniň golaýynda ýerleşýär. Uly meýdanynda, alymlaryň gözegçiligi astynda tropiki ýerlerde we subtropiklerde ösýän müňden gowrak özboluşly ösümlik görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Botanika bagy adanyň paýtagty Haýkudan 170 km uzaklykda ýerleşýär.
“Bag, adam bilen tebigatyň arasynda ideal dünýä gurmak synanyşygydyr. Şonuň üçin  bag dürli dinlerde ýerdäki jennet, Erem hökmünde görkezilýär” Dmitriý Lihaçýow.

**Rozygül NARMAMEDOWA**
**Lebap welaýatynyň**
**Çärjew etrabynyň**

Все права защищены

**29-njy orta mekdebiniñ biologiýa mugallymy**

Все права защищены